# Aý tapylmady

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Aý tapylmady

AÝ TAPYLMADY

Eý, perizat, seni gören günümde,
Älemde janyma jaý tapylmady.
Azaşdym men ýagty dünýäň tümünde,
Gündiz Gün, gijeler Aý tapylmady.

Söz gatdym göwniňi güldirmek üçin,
Sowuk bakdyň odum söndirmek üçin,
Öz pynhan söýgimi bildirmek üçin,
Sebäp tapylmady, saý tapylmady.

Bir göreniň ýene geler bakasy,
Arşdadyr bu görk-görmegiň sakasy,
Baýlyk ýetmez, gymmat husnuň bahasy,
Oňa tap getirjek baý tapylmady.

Şanyňa söz gözläp, boldum Pyragy,
Ýaňagyň köz, ak gar alkymyň agy,
Aýlansam dünýäni, ýakyn-yragy,
Gülýän gözleriňe taý tapylmady.

Basalyk tapmadym özüm ýeňmäge,
Yşk derdinden halas bolup, ýeňläre,
Gyýma gara gaşlaryňy deňäre,
Gadym Yspyhandan ýaý tapylmady.

Aýna dek ýüzüňde keşbime bakdym,
Garaşan ýyllarym apardy aklym,
Söýüp,öz-özimiň raýymy ýykdym,
Öz raýyma görä raý tapylmady.

Aýlandym daşyňdan, kän etdim öwrim,

Garasar deý uşdy ýigitlik döwrüm,
Döwkesen gala deý çat açdy göwnim,
Çeňkläre palçyk ýa laý tapylmady.

Bagty bölüp-bölüp beren Hudaýym:
"Dünýäniň bagtyndan al" diýse paýyň,
Seni saýlap alyp, diýerin "Aýym,
Maňa şundan başga paý tapylmady".

Atamyrat ATABAÝEW.

Goşgular